# Eje!

Category: Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025



EJE!

Eje!
Ugrap barýan näbelli güýje,
Duýgularym halys alypdyr erkim.
Käşgä birsalymlyk unudyp baryn
Näbelli…
Barlygy şeýle bir anyk,
Hyýally dünýäme siňip bilsedim.

Eje!
Halas bolup bilemok soňsuzlugymdan
hemem şeýle bir üşeýän juda.
Gagşan bedenimde perwana ruhum
Uçmana bahana gözläp, gör, ynha.

Eje!

«Horja gyzym» diýme, çekerin derdim,
Bilýän duýgularmyň aldamaýanyn.
Meňzäsim gelse-de ak ýagyşlara,
Düşünsene, asla aglamaýaryn.

Dünýä menlik däl, eje!
Ýogsam gyzyň juda kejirem däl-ä.
Men ullakan zady islämok ahyr,
Ynan, gussalarmyň bagtly edýänne.

Bilbil KAKABAÝEWA
02.05.2023